# Kömege gelenleriñ hemmesi bir däl. Seresap boluñ!

Category: Kitapcy,Medisina,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kömege gelenleriñ hemmesi bir däl. Seresap boluñ! KÖMEGE GELENLERIÑ HEMMESI BIR DÄL. SERESAP BOLUÑ!




1999-njy ýylyñ 17-nji awgustynda Deñiz Güýçleri Komandowaniýesinde sagat 04:30-da «Trewoga!» berilip, serkerdelere karargähde bolmak tabşyryldy. Karargähe gelenleriñ birem Deñiz Güýçleriniñ Baş ştabynyñ başlygy polkownik Önder Uýsaldy. Hereket Merkezine gämilerden gelen habarlarda Göljügiñ, doklaryñ, karargähiñ, kazarmalaryñ doly ýykylandygy aýdylýardy. Otagda dürli teleýaýlymlar Göljükden kelam agyz söz açanokdy. Sagat 09:00-a çenli diñe Awjylarda emele gelen ýer titremesiniñ gürrüñi edildi.
Teleýaýlymlaryñ biri wertolýot uçuryp, ýer titremesiniñ bolup geçen ýerini howadan alyp görkezýärdi. Habarçy «Göljüge tarap barýar» diýip, yzyndan «Menem göljükli, şol ýere barýar» diýdi. Şundan hem görnüşi ýaly ýer titrände ilkinji nobatda etmeli işleriñ biri-de howadan gözegçilige almak eken. Diýmek, şol wakadan hiçem sapak alynmandyr.




## • BIRINJI ETMELI IŞ

Göljük ýer titremesini başyndan geçiren we heläkçiligiň bolan ýerine başdan-aýak ýolbaşçylyk eden otstawkadaky polkownik on welaýatymyzda emele gelen ýer titremesi bilen öňki ýer titremeleri bilen deňeşdirip, şeýle diýdi:
«Ýer titremesinde dereksiz ýitenler hakdaky habarlarda uly kemçilik göze ilýär. Ýykylan jaýlaryň, ýaralananlaryň, aradan çykanlaryň sany berilýär. Emma betbagtlyga uçranlaryň umumy sany berilenok. Ýogsam bolmasa bärde birinji etmeli iş: binalaryň umumy sanyny we şol ýerlerde näçe adam gözleýänimizi bilmeli, şeýdende gözleg-halas ediş toparlary-da nirden näme gözleýänini-gözlemelidigini bilýär. Şu günki ýetilen mümkinçilikleri ulanmak arkaly muny anyklamak kyn zat däl. Sizden haýyş edýän, habar beriş serişdeleri iň bolmanda şeýle maglumatlary edinsin, jemgyýetçilik hem mundan habarly bolsun, şeýtsek, bolup biläýjek iň erbet netijeleriň belli bir derejede öňüni aldygymyz bolardy.
Göljükde ýykan-ýumranlygyň astynda galanlardan ölmän galanlarynyň üç günden soň 25%-niň, dördünji günde 30%-niň, bäşinji günde 45%-niň öli ýagdaýda çykarylandygyny men gözüm bilen gördüm. Bu görkezijiler ylmy taýdan anyk kesgitlenen

görkezijiler bolmasa-da, ýitgiler we hut öz geçiren barlaglarym netijesinde muny gördüm. Şol wagtky betbagtlyga uçranlaryñ suwy köp gidipdi, şindi gipotermiýa-da ölüme sebäp bolýar».

## • ORGAN MAFIÝASYNYÑ BARDYGYNY ÝATDAN ÇYKARMAÑ

«1999-njy ýylda Sakarýa gidenimde öýleriñ talanandygy hakda arz-şikaýatlar gelip gowuşypdy. Şol wagtyñ Içeri işler ministri Sadetdin Tantan dessine taýýarlygyny görüpdi. Meniñ bilen gürrüñdeş bolan hünärmenleriñ biri «Derrew Ýaragly Güýçler bilen daş-töweregiñ howpsuzlygy üpjün edilmeli. Çünki çaga ogurlygy, ýykylman galan jaýlaryñ talanmagy mümkin. Gelenleriñ niýeti gowudyr öýdýäñiz. «Azyk, geýim-gejim, çadyr, medisina hyzmatyny berip bilemzok» ady bilen gelip, çagalary-da alyp gidýärler. Gelenleriñ aglabasynyñ gowy adamlardygyna şübhämiz ýok. Ýön3 bularyñ arasyna sümülen erbet niýetli adamlaryñam bardygy ýatdan çykarylmasyn. Çünki şeýle zatlar Göljükde bolup geçdi, beýleki welaýatlarymyzda we etraplarymyzda bir bolup geçmesin. Sebite girip-çykýanlar hökman berk gözegçilige alynmaly!» diýip ýatlatdy.
Iñ esasy meseleleriñ birem, halas edilen çagalary alan adamlaryñ dogry kesgitlenmegi. Göz öñüne getiriñ: ýer titräpdir, köp adam ýakynlaryny gözläp ýör, hatda başga ýerlerdenem gelýänler bar. Bularyñ arasynda erbet niýetlileriñ hem bolup biljekdigini unutmalyñ. «Çaganyñ hossary men» diýse, onuñ çagany almagyna garşy çykýan ýok. Ýer titränden soñam dereksiz ýiten çagalaryny gözläp ýörenleriñ sany az-uçuk däldi.
Aslynda şu babatda aýtmaga zat kän. Hemişe geçmişde bolup geçen zatlardan sapak alynýandyr welin, munuñ şeýdilýänini hiç göremzok.

Saýgy ÖZTÜRK.

«SÖZCÜ» gazeti, 10.02.2023 ý. Publisistika